**4. Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Taslamalara hyzmat ediş müdirliginiň (UNOPS) arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama.**

**Gol çekilen senesi: 2023-nji ýylyň 2-nji noýabry.**

**Umumy maglumat:**

Birleşen Milletler Guramasynyň Taslamalara hyzmat ediş müdirligi (UNOPS) Birleşen Milletler Guramasynyň ulgamy üçin satyn alyş, şertnamalary dolandyrmak we taslamalary dolandyrmak boýunça işleri ýerine ýetirýän edarasydyr.

1973-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň (UNDP) garamagyndaky edara hökmünde esaslandyryldy. 1995-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň aýratyn edarasy hökmünde işläp başlady.

Ştab-kwartirasy Daniýanyň Kopengagen şäherinde ýerleşýär.

**Esasy maksady:**

Daşky gurşawy goramagyň ileri tutulýan ugurlarynda dürli donorlaryň serişdeleriniň hasabyna taslamalary işläp taýýarlamak we ýerine ýetirmek boýunça hyzmatdaşlyk etmek.

**Esasy ugurlary:**

1. Tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmak;
2. Howanyň üýtgemegine garşy göreşmek;
3. Biodürliligi gorap saklamak;
4. Ýer we suw serişdelerini netijeli dolandyrmak;
5. Energiýa netijeliligi we beýleki ugurlar.

**Hereket ediş möhleti:** 3 ýyl hereket edýär.